**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.**

#32 (263)
четверг, 7 августа 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

# Международные новости



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW BMG-NIŇ DEŇZE ÇYKALGASY BOLMADYK ÖSÜP BARÝAN DÖWLETLER BOÝUNÇA ÜÇÜNJI MASLAHATYNA GATNAŞDY

**2025-nji ýylyň 5-nji awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Prezident Serdar Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň açylyşy we birinji plenar mejlisi geçirildi.**

Foruma döwlet we Hökümet Baştutanlary, 100-den gowrak ýurduň, 50-ä golaý halkara guramanyň ýokary wezipeli wekilleri, 20-den gowrak dünýä belli kompaniýalaryň wekilleri gatnaşýarlar. Bu ähmiýetli wakany giňden şöhlelendirmek üçin Awaza dünýäniň 40-a golaý ýurdundan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň 160-dan gowrak wekili geldi.

Maslahatyň häzirki Başlygy hökmünde BMG-niň Baş sekretary ony açyk diýip yglan etdi we giriş sözi bilen çykyş etdi.

Soňra maslahaty geçirmegiň düzgünlerine laýyklykda, ses bermek arkaly Prezident Serdar Berdimuhamedow maslahatyň Başlygy saýlanyldy.

BMG-niň Baş sekretary döwlet Baştutanymyzy maslahatyň Başlygy wezipesine saýlanmagy mynasybetli gutlady we prezidiumyň merkezinde ýörite bellenen ýere geçmäge çagyrdy.

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş sekretaryndan agaçdan ýasalan çekiçjagazy kabul edip, özi üçin ýörite bellenen ýere geçdi.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Başlygy hökmünde çykyş etdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Başlygy saýlanylmagynyň özi üçin uly hormatdygyny aýdyp, hemmeleri bu foruma gatnaşýandyklary üçin Türkmenistanyň adyndan tüýs ýürekden mähirli gutlady hem-de minnetdarlyk bildirdi.

Soňra tassyklanan iş tertibine laýyklykda çykyşlar diňlenildi.

Ilki bilen, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişe söz berilýär. Ol ilki bilen, Prezident Serdar Berdimuhamedowa hem-de Türkmenistanyň halkyna bildirilen myhmansöýerlik we şu möhüm maslahaty guramakda başlangyçly orny üçin hoşallygyny beýan etdi.

Antoniu Guterriş çykyşynda Hereketleriň Awaza maksatnamasyna ünsi çekip, Birleşen Milletler Guramasynyň DÇBÖBD-niň bu ugurdaky tagallalaryny goldaýandygyny belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş sekretaryna çykyşy üçin minnetdarlyk bildirip, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygy Filemon Ýanga söz berdi.

Ol Awazada geçirilýän şu maslahata gatnaşmagyň özi üçin uly mertebedigini belläp, Türkmenistanda mähirli kabul edilendigine ýokary baha berýändigini aýtdy. BMG-niň Tertipnamasynda beýan edilen garaýyşlaryň tutuş adamzadyň durmuşyny özgertmekde aýgytlaýjy ähmiýete eýedigini belläp, Filemon Ýang 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüş maksatlarynyň Gün tertibiniň soňky bäş ýylyna girişilendigini aýtdy hem-de oňa çenli galan döwürde şol maksatlara ýetmek üçin dünýä bileleşiginiň tagallalarynyň birleşdiriljekdigine ynanýardy.

Çykyşynyň ahyrynda Filemon Ýang maslahatyň ýokary derejede guralandygyny, onda netijeli çözgütleriň kabul edilýändigini, Türkmenistanyň Hökümetine we halkyna tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygyna çykyşy üçin minnetdarlyk bildirip, söz nobatyny BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň (ECOSOC) Başlygy Lok Bahadur Thapa geçirdi.

Lok Bahadur Thapa halkara maslahatyň ähmiýeti barada aýtmak bilen, onuň deňze göni çykalgasy bolmadyk 32 ýurtda ýaşaýan jemi 570 milliondan gowrak adam üçin inklýuziw we durnukly ösüş babatda täze mümkinçilikleri açýandygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň Başlygyna çykyşy üçin minnetdarlyk bildirdi.

Soňra Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler toparynyň Başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji hökmünde çykyş etmek üçin Gyrgyz Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň Başlygy, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysy Adylbek Kasymaliýewe söz berildi.

A.Kasymaliýew şu gün biz Hazaryň kenaryndaky Awazada diňe bir bilelikdäki işimiziň jemini jemlemek üçin däl, eýsem, has durnukly arabaglanyşygy üpjün etmek babatda bilelikdäki tagallalary bellemek üçin ýygnandyk. Şunuň bilen baglylykda, 2024 — 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlere ählumumy ösüşe doly derejede gatnaşmaga mümkinçilik berjek durnukly ösüş meýilnamasyny işläp taýýarlamaga ýardam eder diýip belledi.

Soňra BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça ikinji maslahatynyň geçirilen ýurdy bolan Awstriýanyň Ýewropa we halkara işleri boýunça Federal ministrliginiň döwlet sekretary Zepp Şellhorna söz berildi. Zepp Şellhorn hemmeleri mähirli mübärekläp, ilki bilen, bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallygyny beýan etdi. Şeýle hem ol deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň, şol sanda Awstriýanyň bähbidine edýän tagallalary üçin BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Rabab Fatima we onuň

*(Dowamy 2-nji sahypada).*




# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW BMG-NIŇ DEŇZE ÇYKALGASY BOLMADYK ÖSÜP BARÝAN DÖWLETLER BOÝUNÇA ÜÇÜNJI MASLAHATYNA GATNAŞDY

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

ýolbaşçylyk edýän toparynyň agzalaryna hoşallyk bildirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Awstriýanyň Ýewropa we halkara işleri boýunça Federal ministrliginiň döwlet sekretaryna minnetdarlyk bildirip, söz nobatyny BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Baş sekretary Rabab Fatima geçirdi.

BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Rabab Fatima deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyň Baş sekretary hökmünde bu ýerde çykyş etmegiň özi üçin uly hormatdygyny belläp, işe ygrarlylygy we bu möhüm maslahaty guramakda başlangyçly orny üçin Türkmenistanyň Hökümetine we halkyna çuňňur hoşallygyny beýan etdi.

Şeýle hem Rabab Fatima öz çykyşynda infrastruktura, özara baglanyşyk, ykdysady özgertmeler we howanyň üýtgemegine durnuklylyk ýaly meselelere degip geçdi.

Giriş sözleri bilen çykyşlar tamamlanandan soňra, maslahaty alyp barmagyň tertibine laýyklykda, onuň düzgünleri we gün tertibi kabul edildi. Maslahatyň wezipeli wekilleri saýlanyldy hem-de beýleki guramaçylyk meselelerine seredildi.

Soňra maslahatyň umumy mejlisi öz işine başlady hem-de onuň dowamynda döwlet we hökümet Baştutanlary, şeýle hem wise-prezident derejesindäki wekiliýet ýolbaşçylary çykyş etdiler: Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Eswatininiň Patyşasy Mswati III, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Liwiýa Döwletiniň Prezident Geňeşiniň Başlygy Muhammad Ýunus Menfi, San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň Prezidenti Karluş Manuel Wila-Nowa.

Soňra Prezident Serdar Berdimuhamedow foruma gatnaşyjylara ýüzlenip, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň birinji plenar mejlisiniň tamamlanandygyny, maslahatyň öz işini günüň ikinji ýarymynda umumy çykyşlar bilen dowam etjekdigini aýtdy.

Günüň ikinji ýarymynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty öz işini dowam etdi. Mejlisiň dowamynda Malawi Respublikasynyň wise-prezidenti Maýkl Bizwik Usi, Gambiýa Respublikasynyň wise-prezidenti Mohammed Jallow, Mali Respublikasynyň Premýer-ministri Abdulaýe Maýga, Uganda Respublikasynyň Premýer-ministri Robina Nabbanja, Nepalyň Premýer-ministri Şarma Oli, Eýran Yslam Respublikasynyň birinji wise-prezidenti Muhammad Reza Aref çykyş etdiler.

Bellenilişi ýaly, üstaşyr ulag geçelgelerine maýa goýumlaryň gönükdirilmegi, ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagy, ýokary goşulan bahaly harytlaryň, hususan-da, innowasion önümleriň önümçilikleriniň giňeldilmegi deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerde durnukly ösüşi üpjün etmegiň esasy şertleri bolup çykyş edýär.

6-njy awgustda maslahat öz işini dowam eder.

# ВСТРЕЧА ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА С ГЕНЕРАЛЬНЫМ СЕКРЕТАРЁМ ОРГАНИЗАЦИИ ОБЪЕДИНЁННЫХ НАЦИЙ

**Аваза, 4 августа (TDH). Сегодня в Национальной туристической зоне «Аваза» состоялась встреча Президента Сердара Бердымухамедова с Генеральным секретарём Организации Объединённых Наций Антониу Гутерришем, прибывшим в Туркменистан с визитом для участия в Третьей Конференции ООН по развивающимся странам, не имеющим выхода к морю.**

Тепло поприветствовав высокого гостя на туркменской земле, глава государства поблагодарил Генсека ООН за принятие приглашения на очередную Конференцию ООН по РСНВМ, которая проходит под девизом «Содействие прогрессу путём поддержания партнёрских отношений», глава государства выразил уверенность, что нынешний Форум позволит конструктивно воплотить принятую в декабре 2024 года новую Программу действий в интересах стран, не имеющих выхода к морю.

Выразив искреннюю признательность за оказанный тёплый приём, Генсек ООН Антониу Гутерриш отметил, что весьма рад вновь посетить Туркменистан. Высоко оценив активный подход туркменской стороны к решению актуальных задач и налаживанию многостороннего партнёрства на основе взаимоуважения и с ориентиром на долгосрочную перспективу, гость подчеркнул, что Туркменистан, накопивший солидный опыт миротворчества, выступает ключевым стратегическим партнёром ООН в деле поддержания всеобщего мира, безопасности и устойчивого развития.

Высоко оценив также усилия Туркменистана для организованного проведения Третьей Конференции ООН по РСНВМ, Антониу Гутерриш от имени представителей Сообщества Наций поблагодарил главу государства за предоставленные возможности.

Отметив, что туркменская сторона будет делать всё необходимое для обеспечения высокого уровня Третьей Конференции ООН по развивающимся странам, не имеющим выхода к морю, Президент Сердар Бердымухамедов пожелал её успешного проведения.

Как подчеркнул глава государства, исходя из статуса нейтралитета, Туркменистан проводит миролюбивый и конструктивный внешнеполитический курс, а также поддерживает широкое международное сотрудничество в целях обеспечения всеобщего мира, благополучия и устойчивого развития. И здесь примечательно, что взаимодействие с ООН в данном направлении неизменно носит стратегический характер.

В ходе встречи констатировалась знаменательность 2025 года в истории двустороннего партнёрства: в нынешнем году исполняется 80 лет учреждению ООН и 30 лет обретению

*(Окончание на 3-й стр.)*



# ВСТРЕЧА ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА С ГЕНЕРАЛЬНЫМ СЕКРЕТАРЁМ ОРГАНИЗАЦИИ ОБЪЕДИНЁННЫХ НАЦИЙ

*(Начало на 2-й стр.)*

Туркменистаном правового статуса нейтралитета.

Вместе с тем акцент сделан на объявлении по инициативе Туркменистана 2025 года «Международным годом мира и доверия» согласно Резолюции Генеральной Ассамблеи ООН.

– В эти дни на туркменском побережье Каспийского моря проводится Третья Конференция Организации Объединённых Наций по развивающимся странам, не имеющим выхода к морю. Организация Форума высокого уровня в Туркменистане в свою очередь демонстрирует особое значение, придаваемое расширению нашего сотрудничества, – сказал Президент Сердар Бердымухамедов.

Как подчёркивалось, необходимость наращивания международного взаимодействия по тем задачам, с которыми непосредственно сталкиваются РСНВМ, продиктована временем. Туркменистан поддерживает существенную активизацию многостороннего партнёрства и внутрирегионального диалога в данной области.

В этой связи собеседники выразили уверенность, что столь значимое мероприятие, которое проводится раз в десять лет при участии всех заинтересованных сторон – правительств, международных структур, частного сектора, академических обществ, гражданского общества, станет важным шагом в достижении устойчивого развития на планете, налаживании взаимосвязанности и создании транспортных коридоров.

В ходе встречи глава государства выразил искреннюю благодарность Антониу Гутерришу за вклад в расширение сотрудничества между Туркменистаном и ООН.

С удовлетворением констатируя значительный прогресс Туркменистана на пути к достижению Целей устойчивого развития, Генеральный секретарь ООН подчеркнул значимость международных инициатив и многоплановой деятельности туркменской стороны, стремящейся эффективно задействовать свой миротворческий потенциал в интересах всего человечества.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов и Генеральный секретарь Организации Объединённых Наций Антониу Гутерриш, выразив уверенность, что стратегический диалог Туркменистана и ООН позволит последовательно укреплять мир и устойчивое развитие в регионе и на планете, обменялись наилучшими пожеланиями.

# HORMATLY PREZIDENTIMIZ BMG-NIŇ AWAZA FORUMYNA GATNAŞÝAN DÖWLETLERIŇ ÝOKARY DEREJELI WEKILLERI BILEN DUŞUŞYKLARY GEÇIRDI

***6-njy awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna gatnaşmak üçin ýurdumyza sapar bilen gelen döwlet Baştutanlary hem-de hökümet ýolbaşçylary bilen ikitaraplaýyn duşuşyklaryň birnäçesini geçirdi.***

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan bilen duşuşygynda deňhukuklylyk, özara hormat goýmak we ynanyşmak ýörelgeleri esasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösdürilýändigi kanagatlanma bilen bellenildi. Söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň türkmen-ermeni döwletara dialogynyň möhüm ugry bolup durýandygyna, şunda hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny ýola goýmaga hem-de eksport-import harytlarynyň görnüşlerini artdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýändigine üns çekildi. Söhbetdeşler ikitaraplaýyn medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň möhümdigini bellediler hem-de ylym-bilim, medeniýet we sungat ulgamlarynda bilelikde işlemek, tejribe alyşmak üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny nygtadylar.

* * *

Döwlet Baştutanymyzyň San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň Prezidenti Karluş Manuel Wila-Nowa bilen geçiren duşuşygynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň esasynda daşary ýurt döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýar. Bu babatda Türkmenistan Afrika ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýär.

«Siziň ýurduňyzyň geografik taýdan ýerleşişi (ada) we syýahatçylyk mümkinçilikleri bilen baglylykda, bu ugurda anyk işler durmuşa geçirilip bilner» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Döwlet Baştutanymyz Prezident Karluş Manuel Wila-Nowanyň saparynyň dowamynda San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň wekiliýetiniň Türkmenistanyň ykdysady kuwwaty, önümçilik we eksport mümkinçilikleri bilen ýakyndan tanyşjakdygyny belläp, geljekde özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça anyk teklipler bolan ýagdaýynda, ýurdumyzyň olary goldamaga taýýardygyny tassyklady.



* * *

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Malawi Respublikasynyň wise-prezidenti Maýkl Bizuik Usi bilen duşuşygynda Hazaryň türkmen kenarynda geçirilýän bu maslahatyň üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmek, sebitara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak we ykdysady mümkinçilikleri giňeltmek üçin möhüm esas boljakdygyna berk ynam bildirildi.

Söhbetdeşler iki ýurduň halkara giňişlikde abraýly guramalaryň, ilkinji nobatda, BMG-niň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň has-da işjeňleşdirilmegini goldaýandyklaryny bellediler we şu gezekki saparyň döwletara gatnaşyklarda möhüm tapgyr boljakdygyna, onuň çäklerinde geçiriljek duşuşyklaryň we Türkmenistan bilen tanyşlygyň bolsa özara hyzmatdaşlygy anyk mazmun bilen baýlaşdyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdiler. Şeýle hem taraplar häzirki wagtda energetika, oba hojalygy, saglygy goraýyş, bilim we ylymy-barlag ulgamlarynda tejribe alyşmak üçin mümkinçilikleriň bardygyny bellediler.

* * *

Gambiýa Respublikasynyň wise-prezidenti Muhammed Jallow bilen geçirilen duşuşykda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dostlukly döwlet bilen syýasy-diplomatik we söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge taýýardygyny tassyklady. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz myhmanyň saparynyň çäklerinde ýurdumyzyň ykdysady gazananlary bilen tanyşjakdygyny hem-de Türkmenistanyň resmi wekilleri bilen duşuşjakdygyny belläp, bu saparyň üstünlikli geçmegini arzuw etdi.

Häzirki wagtda energetika, himiýa senagaty, oba hojalygy, saglygy goraýyş we bilim ulgamlarynda tejribe alyşmagyň üçin mümkinçilikleriniň bardygy bellenilip, iki halkyň arasynda medeni gatnaşyklary ösdürmek, sungat we döredijilik ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygy höweslendirmegiň hem möhüm ugurlaryň biri bolup durýandygy nygtaldy.

Gambiýanyň wise-prezidenti medeni-ynsanperwer gatnaşyklar barada belläp, öz ýurdunyň Türkmenistan bilen bilim ulgamynda hyzmatdaşlyga uly gyzyklanma bildirýändigini aýtdy.

* * *

Döwlet Baştutanymyzyň Uganda Respublikasynyň Premýer-ministri Robina Nabbanja bilen geçiren duşuşygynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan Afrika sebitiniň ýurtlary bilen gatnaşyklary ösdürmäge uly gy-

*(Dowamy 4-nji sahypada).*

# HORMATLY PREZIDENTIMIZ BMG-NIŇ AWAZA FORUMYNA GATNAŞÝAN DÖWLETLERIŇ ÝOKARY DEREJELI WEKILLERI BILEN DUŞUŞYKLARY GEÇIRDI

*(Başlangyjy 3-nji sahypada).*

zyklanma bildirýär. Bu babatda ýurdumyz Uganda Respublikasy bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, energetika, oba hojalyk, medeni-ynsanperwer, şeýle hem beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň mümkinçiliklerine seretmäge taýýardyr.

Hormatly Prezidentimiz şu saparyň çäklerinde Türkmenistanyň ýeten derejesi, energetika, gazhimiýa we beýleki senagat ugurlarynda gazanan üstünlikleri bilen tanyşmaga mümkinçiligiň boljakdygyny belledi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz geljekde özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça Ugandanyň anyk teklipleri bolan ýagdaýynda, ýurdumyzyň olary goldamaga taýýardygyny beýan etdi.

* * *

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Mali Respublikasynyň Premýer-ministri Abdulaýe Maýga bilen geçiren duşuşygynda Türkmenistanyň dostlukly döwlet bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygyny tassyklady. Nygtalyşy ýaly, ýurdumyz üçin Afrika döwletleri bilen hyzmatdaşlygyň ähmiýeti barha artýar.

Türkmenistan bilen Mali Respublikasynyň arasynda gatnaşyklaryň ösdürilmegi oba hojalygynda innowasiýalary ornaşdyrmak, suw serişdelerini netijeli dolandyrmak, şeýle hem bilim we hünär taýdan taýýarlyk ulgamlarynda bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak üçin uly mümkinçilikleri döredýär. Şeýle hem ykdysadyýet, energetika, oba hojalygy, bilim, saglygy goraýyş we ylmy-barlag ulgamlarynda tejribe alyşmak üçin özara bähbitli mümkinçilikler bar.

* * *

Döwlet Baştutanymyz Nepalyň Premýer-ministri Şarma Oli bilen geçiren duşuşygynda Türkmenistanyň dürli ýurtlar bilen, şol sanda Aziýa döwletleri bilen dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini nygtady we ýurdumyzyň Nepal bilen hem syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmek üçin ähli mümkinçilikleri ulanmaga taýýardygyny aýtdy. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ykdysadyýet, energetika, oba hojalygy, saglygy goraýyş, bilim we ylmy-barlag ulgamlarynda tejribe alyşmak boýunça iki ýurduň hem giň mümkinçilikleri bar.

Döwlet Baştutanymyz iki ýurduň halklarynyň arasynda medeni gatnaşyklary ösdürmegiň, sungat we döredijilik ugrundaky hyzmatdaşlygy höweslendirmegiň hem möhümdigini belläp, Türkmenistanyň Nepal bilen hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak boýunça netijeli teklipleri goldamaga taýýardygyny beýan etdi.




# AVAZA HOSTS WELCOMING CEREMONY FOR PARTICIPANTS OF THE THIRD UN CONFERENCE

On August 5, 2025, a welcoming ceremony for the participants-delegates of the Third UN Conference of Landlocked Developing Countries was held in the Avaza National Tourist Zone.

The celebration was attended by the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov, Secretary-General of the United Nations António Guterres, Chairman of the 79th session of the UN General Assembly Philemon Young, heads and members of delegations of the countries participating in the forum, leaders and representatives of international structures, and officials of our country.

Addressing the participants of the celebration, the National Leader of the Turkmen people noted that today the delegates of the forum witnessed a historic event held on the magnificent coast of the Caspian Sea in the Avaza National Tourist Zone.

Having cordially welcomed in the Turkmen language the Secretary-General of the United Nations, the heads of delegations, and all participants of the celebration to the sunny and hospitable land, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan also noted the special significance of holding the current forum in the International Year of Peace and Trust declared by the United Nations on the initiative of Turkmenistan. In this regard, confidence was expressed that the joint efforts carried out in the system of international relations, large-scale measures in the name of peace, security and sustainable development will yield positive results.

The National Leader of the Turkmen people expressed confidence that an effective exchange of views will take place and positive proposals will be put forward on all aspects of the agenda of the high-level international forum, which is being held for the third time.

Then the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan continued his speech in Russian, one of the official languages of the UN. Once again, on behalf of the people of Turkmenistan, warmly and cordially welcoming those gathered, the National Leader of the Turkmen people expressed gratitude to everyone for participating in the Third United Nations Conference on Landlocked Developing Countries.

We perceive such a broad representation at this Forum as a sign of respect for Turkmenistan, trust and high appreciation of the role of our country in the international arena, its efforts in establishing cooperation and mutual understanding, - emphasized the National Leader of the Turkmen people.

– We welcome all of you, esteemed participants of the Forum, on Turkmen soil as dear and welcome guests, like-minded people and partners of Turkmenistan, united by the high goals of peace, progress and prosperity on the planet.

Welcome to Turkmenistan! – concluded the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan in his welcoming speech.

As noted, holding the current Conference is entirely logical and deeply justified. It is an organic part of the large, serious work carried out by our countries over many years and aimed at increasing the role of developing countries in global processes, drawing attention to their problems and legitimate interests, and ensuring a worthy place in the modern world order.

# TÜRKMENISTAN – BMG:
## HYZMATDAŞLYGYŇ TARYHYNDA TÄZE TAPGYR

**2025-nji ýylyň 3-nji awgustynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş Hazaryň kenarynda geçirilýän BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna gatnaşmak maksady bilen Türkmenistana geldi.**

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş sekretary bilen mähirli salamlaşyp, ony mukaddes türkmen topragynda görýändigine şatdygyny belledi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy belent mertebeli myhmany howa menzilinde mähirli garşylap, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde "BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmegiň tertibine goşmaça maglumat" atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmeginiň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki abraýynyň belende galýandygyny görkezýän çözgüde öwrülendigini nygtady.

BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş sazlaşykly ösüş ýoluna düşen Türkmenistanda geçirilýän tutuş adamzat ähmiýetli halkara foruma gatnaşmagyň özi üçin uly hormatdygyny nygtady.

Deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň geljekki ösüşi boýunça oňyn meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagynyň we degişli çözgütleri kabul etmegiň ähmiýeti barada aýdyp, Milli Liderimiz BMG-niň howandarlygyndaky ýokary derejeli forumy guramagyň Türkmenistana bildirilýän ählumumy ynam hökmünde kabul edilýändigini belledi.

Deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň geljekki ösüşi boýunça oňyn meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagynyň we degişli çözgütleri kabul etmegiň ähmiýeti barada aýdyp, Milli Liderimiz BMG-niň howandarlygyndaky ýokary derejeli forumy guramagyň Türkmenistana bildirilýän ählumumy ynam hökmünde kabul edilýändigini belledi.

Bu forum deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmaga, söwda-ykdysady ulgamda sebitara we halkara gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berer. Şeýle hem onuň çäklerinde ugurdaş çäreleriň, degişli düzümleriň arasynda duşuşyklaryň hem-de gepleşikleriň geçirilmeginiň meýilleşdirilendigi aýdyldy.

Aýratyn-da, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagyň 30 ýyllygynyň, BMG-niň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda geçirilmeginde çuňňur manynyň bardygyna üns çekildi.

Hazaryň kenarynda geçiriljek halkara forumyň dowamynda dünýä ykdysadyýeti üçin ähmiýetli bolan meseleler ara alnyp maslahatlaşylar we bu ugurda bar bolan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmegiň ugurlary kesgitleniler. Munuň özi halkara hyzmatdaşlykda ulag ulgamyndaky gatnaşyklaryň ösdürilmegine giň ýol açar.

Duşuşykda ulag-logistika ulgamyndaky gatnaşyklary ösdürmek, umuman, ulag diplomatiýasy ýaly wajyp meseleleri öz içine alýan forumyň dowamynda ýurtlaryň sazlaşykly ösüşini kesgitleýän çözgütleriň kabul ediljekdigine ynam bildirilip, onuň işinde üstünlik arzuw edildi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy belent mertebeli myhmany türkmen topragynda görýändigine şatdygyny belläp, oňa dünýä ähmiýetli forumyň Türkmenistanda geçirilmegi babatda edilen tagallalar üçin minnetdarlyk bildirdi.

# Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň Başlygy tarapyndan hödürlenen
# AWAZA SYÝASY JARNAMASY

(Awaza, Türkmenistan, 2025-nji ýylyň 5 — 8-nji awgusty)

1. Biz, döwlet we hökümet Baştutanlary hem-de ýokary derejeli wekiller, hökümet hem-de hökümete dahylsyz guramalaryň, hususy ulgamyň, raýat jemgyýetiniň, ylmy toparlaryň we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplaryň gatnaşmagynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ösmegi babatda gün tertibini ilerletmek maksady bilen, 2025-nji ýylyň 5 — 8-nji awgustynda Awazada (Türkmenistan) «Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny goldamak arkaly ösüşe ýardam bermek» mowzugy astynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynda jemlendik.

2. Biz Baş Assambleýa tarapyndan 2024-nji ýylyň 24-nji dekabrynda kabul edilen, “Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň arasynda üstaşyr gatnawlar ulgamynda hyzmatdaşlyk üçin täze ählumumy çäklerde deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň aýratyn zerurlyklaryny kanagatlandyrmak” atly Hereketleriň Almaty maksatnamasynyň çäklerinde hem-de 2014 — 2024-nji onýyllyk üçin deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin Hereketleriň Wena maksatnamasynyň üstünliklerine esaslanýan, şeýle hem deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň durnukly ösüşi gazanmaga gönükdirilen tagallalaryna ýardam bermek üçin täzelenen we çarçuwaly esasyň hereketlerine gönükdirilmegini üpjün edýän, 2024 — 2034-nji onýyllyk üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyny goldaýarys.

## I. Ählumumy şertler we umumy borçnamalar

3. Biz ählumumy wehimler, şol sanda geosyýasy dartgynlylyk, gapma-garşylyklar, azyk we energetika çökgünligi, ýokary ulag, söwda harajatlary, puluň hümmetsizlenmegi, bergileriň ýokary derejesi, howanyň üýtgemegi, betbagtçylyk, bioköpdürlüligiň ýitirilmegi, çölleşmek, buzluklaryň eremegi we daşky gurşawyň hapalanmagy ýaly wehimler bilen bellenen örän wajyp pursatda ýygnandyk.

4. Biz çäk babatda deňze göni çykalgasynyň ýoklugy, ulag we aragatnaşyk üçin bökdençlikleriň bardygy, esasy bazarlardan uzakdadygy, üstaşyr amallaryň çylşyrymlydygy, howpsuz, gymmatly bolmadyk hem-de elýeterli infrastrukturanyň ýokdugy sebäpli, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ýüzbe-ýüz bolýan aýratyn zerurlyklaryny we wehimleriniň bardygyny nygtaýarys hem-de olaryň düzümleýin özgertmelerine, senagatlaşdyrylmagyna, ykdysady taýdan diwersifikasiýalaşdyrylmagyna, sebit we ählumumy ykdysadyýete doly integrirlenmegine ýardam bermek üçin halkara raýdaşlygyň pugtalandyrylmagynyň zerurdygyny ykrar edýäris.

5. Biz Baş Assambleýanyň 2025-nji ýyly “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýip yglan edendigini ýatladýarys hem-de parahatçylyk bolmasa, durnukly ösüşiň, durnukly ösüş bolmasa, parahatçylygyň bolup bilmejekdigini ykrar edýäris. Bularyň ählisi deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlere hem degişlidir.

6. Biz Hereketleriň Wena maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň belli bir ulgamlarynda oňyn netijeleriň bardygyna garamazdan, ösüşiň ýeterlik derejede däldigini ykrar edýäris we maliýeleşdirmegiň, hususan-da, infrastrukturany maliýeleşdirmegiň aýratyn ýetmezçiliginiň, maglumatlaryň ýeterlik däldigini, tehniki mümkinçilikler bilen baglanyşykly çäklendirmeleriň Hereketleriň Wena maksatnamasynda goýlan maksatlara ýetmegiň we wezipeleri çözmegiň ýolunda ösüşi bökdändigini ynjalyksyzlanyp belleýäris.

7. Biz, hususan-da, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ýüzbe-ýüz bolýan wehimlerini nazara almak bilen, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibini we onuň durnukly ösüş babatdaky maksatlaryny, Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyny, Pariž ylalaşygyny, 2015 — 2030-njy ýyllar üçin betbagtçylyk howpuny peseltmek boýunça Sendaý çarçuwaly maksatnamasyny, Şäherleri ösdürmegiň täze maksatnamasyny we Biologik köpdürlülik hakynda Konwensiýany, Bioköpdürlülik ulgamynda Kunmin-Monreal ählumumy çarçuwaly maksatnamasyny doly we öz wagtynda amala aşyrmak boýunça tagallalary işjeňleşdirmäge ygrarlydygymyzy tassyklaýarys.

8. Biz ösüşi maliýeleşdirmek boýunça dördünji halkara maslahatyň jemleýji resminamasyny, Sewiliýa borçnamasyny goldaýarys. Sewiliýa borçnamasynyň çäklerinde Hereketleriň Addis-Abeba maksatnamasyna daýanmak bilen, maliýeleşdirmegiň ählumumy ulgamy täzeleýär we ony öz wagtynda hem-de netijeli durmuşa geçirmäge çagyryş ýene bir gezek beýan edilýär. Biz 2002-nji ýylyň Monterreý ylalaşygynda we 2008-nji ýylyň Doha jarnamasynda beýan edilen borçnamalaryň ählisini, şeýle hem Geljegiň bähbidine Paktda beýan edilen degişli borçnamalary goldaýarys we olaryň ýerine ýetirilmegine ýardam ederis.

9. Biz deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň çäklerinde deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça ýörite maksatnamanyň işlenip taýýarlanylmagyna gyzyklanma bildirýändigini we olaryň degişli tagallalary etmäge taýýardygyny belleýäris.

10. Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň ýigrimi dokuzynjy maslahatynyň, Kioto teswirnamasynyň taraplarynyň maslahaty hökmünde hereket edýän taraplaryň konferensiýasynyň on dokuzynjy sessiýasynyň hem-de Pariž ylalaşygynyň maslahatynyň taraplary hökmünde hereket edýän taraplaryň konferensiýasynyň altynjy sessiýasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň birinde geçirilen taraplaryň konferensiýasynyň ilkinji sessiýasy hökmünde 2024-nji ýylyň noýabrynda Azerbaýjanyň Baku şäherinde çagyrylmagyny goldaýarys.

11. Biz şeýle hem 2026-njy ýylda Ermenistanda geçirilmegi meýilleşdirilen Biologik köpdürlülik hakynda Konwensiýanyň taraplarynyň konferensiýasynyň on ýedinji maslahatynyň hem-de Konwensiýanyň teswirnamalarynyň taraplarynyň maslahatlary hökmünde hereket edýän taraplaryň konferensiýasynyň maslahatlaryny, 2026-njy ýylda Mongoliýada geçirilmegi meýilleşdirilen uly gurakçylygy ýa-da çölleşmäni başdan geçirýän ýurtlarda, aýratyn hem Afrikada çölleşmä garşy göreşmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Konwensiýasynyň taraplarynyň konferensiýasynyň on ýedinji sessiýasynyň çagyrylmagyny goldaýarys.

12. Biz soňra 2025-nji ýylyň 23 — 31-nji iýuly aralygynda Zimbabweniň Wiktoriýa-Fols şäherinde suw-batgalyk ýerler barada Ramsar konwensiýasynyň Ylalaşýan taraplarynyň konferensiýasynyň on başinji maslahatyny, 2025-nji ýylyň oktýabrynda Žänewa şäherinde geçiriljek Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasynyň on altynjy sessiýasynyň, 2026-njy ýylyň 17 — 22-nji maýynda Azerbaýjanda geçirilmegi meýilleşdirilen Bütindünýä forumynyň şäherleriň meseleleri boýunça on üçünji sessiýasynyň, 2027-nji ýylda Gyrgyzystanda geçiriljek ikinji Ählumumy dag sammitiniň hem-de Täjigistanda geçirilmegi meýilleşdirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Hereketleriň halkara onýyllygynyň maksatlarynyň amala aşyrylmagynyň barşyna jemleýji ählumumy syna bagyşlanan 2018 — 2028-nji ýyllar üçin “Durnukly ösüş üçin suw” atly maslahatynyň 2028-nji ýylda çagyrylmagyny goldaýarys.

## II. 2024 — 2034-nji onýyllyk üçin deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyny amala aşyrmak

13. Biz geljek on ýylyň dowamynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin 2024 — 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyny onuň özara berkidiji esasy iş ugurlarynyň bäşisine:

a) düzümleýin özgertmeler, ylym, tehnika we innowasiýalar;

b) söwda, söwda amallarynyň aňsatlaşdyrylmagy we sebitleýin integrasiýa;

ç) üstaşyr geçirmek, ulag we arabaglanyşyk;

d) uýgunlaşmak mümkinçiliklerini pugtalandyrmak, sarsgynlyga durnuklylygy ýokarlandyrmak hem-de howanyň üýtgemegi, heläkçilikler babatda goragsyzlygy peseltmek;

e) amala aşyrmagyň serişdeleri ýaly ugurlara laýyklykda durmuşa geçirmäge berk ygrarlydyrys.

14. Biz käbir ýurtlaryň bildiren gyzyklanmasyny nazara almak bilen, oba hojalyk ylmy-barlaglarynyň sebit merkezlerini döretmäge degişli Hereketleriň Awaza maksatnamasynda göz öňünde tutulan anyk netijeleri gazanmaga; deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin üstaşyr geçirmegiň erkinligi baradaky mesele boýunça ýokary derejeli bilermenler toparyny döretmäge; deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin infrastrukturany maliýeleşdirmegiň guralyny döretmegiň mümkinçiliklerini öwrenmäge ygrarlydygymyzy tassyklaýarys.

15. Biz, hususan-da, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler we üstaşyr ýurtlar üçin Birleşen Milletler Guramasynyň 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlanýan, durnukly ulaga bagyşlanan onýyllygynyň yglan edilmeginiň wajypdygyny nygtaýarys we onýyllygy durmuşa geçirmegiň meýilnamasyna sabyrsyzlyk bilen garaşýarys.

16. Biz söwda degişli fiziki we sanly infrastrukturanyň ösdürilmeginiň hem-de inklýuziw, adalatlylyk, ykdysady taýdan elýeterlilik esasynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin özara baglanyşygy üpjün etmäge ýardam bermegiň wajypdygyny nygtaýarys we köptaraply ösüş banklaryna infrastruktura, şol sanda awtomobil, demir ýollaryna, suw ýollaryna we portlara, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmegiň infrastrukturasyna, energiýa ulgamlaryna goşulyşmaga, şeýle hem sanly infrastruktura, mysal üçin, optiki-süýümli kabellere, emeli hemra ulgamyna maýa goýumlary artdyrmagy teklip edýäris.

### Hyzmatdaşlyk gatnaşyklary we goldaw bermegiň gurallary

17. Biz deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlere, olaryň ösüş prosesi boýunça hyzmatdaşlaryna, Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamyna we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplara milli ileri tutulýan ugurlary nazara almak bilen, Hereketleriň Awaza maksatnamasynda onuň esasy bäş ugrunyň çäklerinde ylalaşylan degişli çäreleri sazlaşykly we tiz ýagdaýda kabul etmegi teklip edýäris.

18. Birleşen Milletler Guramasynyň gaznalarynyň we maksatnamalarynyň ýolbaşçy edaralaryna, beýleki köptaraplaýyn guramalara, şol sanda köptaraply ösüş banklaryna we beýleki halkara hem-de sebit, maliýe edaralaryna, Bütindünýä Söwda Guramasyna Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň amala aşyrylmagyna goşant goşmagy hem-de degişli derejede we özleriniň degişli ygtyýarlyklaryna laýyklykda, ony özleriniň iş maksatnamalaryna goşmagy teklip edýäris. Biz hususy maýa goýumlary höweslendirmekde köptaraply ösüş banklarynyň ornuny ykrar edýäris we deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerde infrastrukturany ösdürmek üçin ýeňillikli maliýeleşdirmegiň möçberlerini artdyrmaga, söwdanyň maliýeleşdirilmegine üzneligi gysgaltmaga kömek bermek üçin söwdanyň sanly maliýeleşdirilmegine elýeterliligi giňeltmäge çagyrýarys.

19. Biz Demirgazyk-Günorta hyzmatdaşlygyna goşmaça hökmünde Günorta-Günorta hyzmatdaşlygynyň artýan ornuny hem-de üçtaraplaýyn hyzmatdaşlygy, durnuklylygy pugtalandyrmaga, maýa goýum işini we serhetýaka hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam berýän şert hökmünde özara okatmagyň we sebit integrasiýasynyň ornuny goldaýarys.

### Ýolbaşçylyk, hasabatlylyk we monitoring

20. Biz milli liderligiň we deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň, üstaşyr ýurtlaryň hem-de ösüş boýunça hyzmatdaşlaryň ösüş babatdaky strategiýasy we syýasaty üçin jogapkärçiligiň maksatnamany amala aşyrmagyň tutuş dowamynda geljekki işiň we monitoringiň dowamynda üpjün edilmelidigini nygtaýarys.

21. Biz geljekki işiň we Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň düzgünleriniň amala aşyrylyşynyň barşyna synyň möhüm gural hökmünde az derejede ösen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler hem-de kiçi ada döwletler boýunça Ýokary wekiliň Kanselýariýasynyň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerdäki ýurt toparlarynyň arasynda has ýakyn utgaşyklylygy üpjün etmäge çagyryp, Kanselýariýanyň özüniň ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmek üçin ýeterlik derejedäki serişdeleri üpjün etmelidigini, şol sanda ony hereket edýän maksatlaýyn gazna arkaly üpjün etmelidigini nygtaýarys. Biz şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň edaralarynyň, şol sanda BMG-niň utgaşdyryjy-rezidentleri we ýurt toparlary arkaly hereket edip, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň Hökümetlerine bu ýurtlarda düzümleýin çäklendirmeler zerarly ýüze çykan meseleleri çözmekde kömek bermek üçin ähli gyzyklanma bildirýän taraplaryň tagallalaryny birleşdirmekde has işjeň orny eýelemelidigini nygtaýarys.

22. Biz geljekki işiň we monitoringiň bar bolan ählumumy çäklere laýyk getirilen we milli, subregional, sebit, ählumumy derejede uýgunlaşdyrylan netijeli we birek-biregiň üstüni ýetirýän gurallarynyň Hereketleriň Awaza maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek üçin möhüm ähmiýete eýedigini aýratyn belleýäris.

## III. Jemleme we herekete çagyryş

23. Biz 2024 — 2034-nji ýyllar üçin deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasynda kabul edilen borçnamalary ýerine ýetirmek babatda toplumlaýyn çäreleriň gaýragoýulmasyz ýagdaýda kabul edilmelidigine berk ygrarlydygymyzy beýan edýäris.

24. Biz Hereketleriň Awaza maksatnamasy bilen baglylykda, geljekki işiň ylalaşykly berjaý edilmegine hem-de onuň milli, subregional, sebit we ählumumy derejede ýerine ýetirilişine monitoringi amala aşyrmaga ýardam bermek üçin Baş sekretardan Birleşen Milletler Guramasynyň ähli degişli düzümleriniň işiniň doly möçberde utgaşdyrylmagyny üpjün etmegi haýyş edýäris. Biz Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamynyň degişli guramalaryny we edaralaryny, halkara guramalary, sebit we subregional guramalary, zerur bolan halatynda, Hereketleriň Awaza maksatnamasyny özleriniň degişli ygtyýarlyklarynyň çäklerinde iş maksatnamalaryna goşmaga çagyrýarys we teklip edýäris.

25. Biz Türkmenistanyň Hökümetine we halkyna myhmansöýerlik hem-de maslahatyň ählumumy hyzmatdaşlygyň hem-de raýdaşlygyň ruhunda ýokary derejede geçirilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirýäris.